# Altynjan hanym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Altynjan hanym ALTYNJAN HANYM

(Ýazyjy Osman Ödäýewiñ adybir romanyny okap ýazylan goşgy)

Mert gözeller kän bolandyr jahanda,
Olaryñ has merdi Altynjan hanym.
Bize on asyrdan bäri bakanda,
sowulmaz yşk berdi Altynjan hanym.

Nurana gözeller gaýtalanýndyr,
ylham berip, bizden ylham alýandyr.
Aýdym köñüllere ganat bolýandyr.
göwün ganat gerdi, Altynjan hanym.

Heññamlardan aşyp, geldiñ dünýäme,
Görküniñ ýanynda Aý nä, Gün näme?!
Görmez ýaly gözsüzmi ýa men näme,
gözüm seni gördi, Altynjan hanym!

Gözlerin güldürip, gaşymdan çykdy,
Bu setirler ýürek joşumdan çykdy,
yşk-söýgä sataşyp, huşumdan çykdy,
köne dünýäñ derdi, Altynjan hanym.

Dostum, Osman Ödäñ romanyndan,
bäri çykyp, ýöräp meniñ ýanymdan,
habar alyp bu aljyran halymdan,
asmana göterdi, Altynjan hanym.

Seredip oñ gözi bilen gabagna,
saz ýazardym bolan bolsam sazanda.
Togrul begim, ony bizden gabanma,
täsin bir keşp erdi Altynjan hanym.

Göz doýmaz her günde görseñem telim,

yşkyña täzeden jan berer seniñ.
Özi bir elýetmez, owadan gelin,
hem ajap eserdir Altynjan hanym.

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Goşgular